Elden gider

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Elden gider ELDEN GIDER

Namyradam, nädeýin men, namys-ar elden gider,
Nury didäm, nukta hallar, zülpi tar elden gider;
Aýyp kylmañ, eý ýaranlar, namydar elden gider,
Gözlerimniň röwşeni, bikarar elden gider.
Serimni söwdaga salgan serwime arzym aýdaýyn.
Semender deý sargaryp, ataş şerabyn dadaýyn,
Dostlarym, deň-duşlarym duşman bolupdyr nädeýin,
Şol sebäpden aglaýyr men näzli ýar elden gider.

Gözlerim görmez diýip gönüme getirmedim,
Sagdyýu, Seýpelmelekniň yzyny ýitirmedim,
Sarnaýyp şamu-säherler, illeri ýatyrmadym,

Neýleýin, sabrym bilen hem karar elden gider,

Men oña sadka bolaý hem dahy çopany, guly,
Agyr märeke era üm bilen düşir dili,
Onub ysy müşki-anbar, istemes men her güli,
Engury, injiri, hurma, alma-nar elden gider.

Bezenip beýge çykanda, begleri berbat kylasy,
Saglary telbe kylyp, telbeler syçrap galasy,
Ele düşüp ekdi bolgan boz keýikniň balasy,
Awçylaryň awlagy ak maral elden gider.

Men bu gün matam tutup, Mätäji goýdum adyma,
Perwana dek pyrlanyp, peýker ýanadyr oduma,
Her zaman yhlas bilen ismi düşedi ýadyma,
Aýralyga döze bilmen, zary-zar elden gider.

■ BILEN BARMY?

Eý ýaranlar, halaýyklar,
Bu derdimden bilen barmy?
Yşkyň ody ýaman, janlar,
Garyp köñlüm alan barmy?

Ir düşüpdir gyşyň, ýazyň,
Sonaly ördekli gazyň,
Hally bilen Aman gyzyň
Obasyndan gelen barmy?

Ak ýüzünde haly kiçi,
Syýadan garadyr saçy,
Şu oturan uly-kiçi,
Bu sözümde ýalan barmy?

Jerenim awlatdym düzden,
Ganly ýaşym akar gözden,
Heý habaryň barmy bizden,
Gara bagrym dilen barmy?

Gerdeniňde biten güller,

Gyldan näzik inçe biller,
Bilezikli ap-ak gollar,
Dolap goýna salan barmy?

Mätäji diýr, boldum geda,
Ýar ýolunda janym pida,
Ahyrynda berse huda,
Söwdügini alan barmy?

■ Yrakda durma*

Näzli dilber, bir dilegim bar saña,
Aýdaýyn arzymny, yrakda durma;
Niçe wagtdan bäri boldum zar saña,
Köýüňde köýüp men, köňlümi burma.

Aşyk owal çeker jebri-jepany,
Ahyrynda görer mähri-wepany,
Gutarmagyl gelgen zowky-sapany,
Bikär gezip, ömrüň ýele sowurma.

Arzuw eýlär eşdip, görmedik adam,
Sen Şiringe manend, men hem Perhadam,
Müjgäniň hanjardyr, gabagyň badam,
Zybanyň şerbetdir, lebleriň hurma.

Görsem gül ýüzüňni, köňlüm hoş bolur,
Ýatganymda, ýar, jemalyň düýş bolur,
Diýsem bimekana, ile paş bolur,
Her ýeter-ýetmeze syryňny berme.

Gara saçyň gara dagyň şamary,
Şol sebäpden boldum yşkyň bimary,
Säher turup, ber özüňe timary,
Gola hyna ýakyp, gözlere sürme.

Bende bolan beg tutanda bir hany,
Eýlemezmi ilatynyň tarhany.
Men bolup men şeýle ýoluň porhany,

Perwana dek jismim ýakyp, gowurma.

Ger sözlesem, rakyplara tañ bolar,
Sözlemesem, gaýta işim teñ bolar,
Ýalançyda ýagşy-ýaman geñ bolar
Goja Mätäjini goluñdan berme.

_____

* Mätäjiniň bu goşgusy Keminäniň »Salma gözümden» şygrynyň täsiri esasynda ýazylypdyr. Goşgular